# Gowy adamlar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gowy adamlar

GOWY ADAMLAR

Guwanýan men adamlary göremde,
Şatlyk gurşap alýar bütin dünýämi.
Depäm gök direýär ýaşap ýörenme,
Bagryma basasym gelýär dünýäni.

Diñe ýagşylara meñzäsim gelýär,
Guwanýan adamlañ gowudygyna.
Şygyr aýdyp, asla diñmäsim gelýär,
Ynanýan akylyñ goýudygyna.

Owal haýran galýan gudratly Tañryñ,
Bu durmuşy gözel ýaradyşyna.
Onsoñam kesgitläp ynsanyñ ömrün,
Oña bir öz hökmün ýöredişine.

Ynsan ýaradylýar ýagşy-ýamanly,
Neneñsi ýaşardyk deñlik bolanda.
Ak bugdaýam bolman çäçli-samanly,
Süýji bormy nanyñ gadry bolmanda?

Gurhan dek arassa adamlar bolýar,
Olary çörege deñäsiñ gelýär.
Hüwdi dek mylaýym aýdymlar bolýar,
Dünýäni unudyp diñläsiñ gelýär.

Hars urup ýaşamak hökman däl ahyr,
Bakydygña uýup, ýaşabam bor-a!
Söýgüden ot almak hökman däl ahyr,
Söýülýäniñ duýup ýaşabam bor-a!

Baylyk diýlen çüýrüntgidir topraga,

Diñe ýagşylygyñ galar dünýäde.
Adam, özüñ meñzet ýaşyl ýapraga,
Añla, näme borsuñ toprak düýnäñde.

Geleniñe degýär ahyr bu dünýä,
Begenýän ýaşaýşyñ rysgaldygyna.
Ertäñ azalýandyr, ser salsañ düýne,
Gynanýan ömürleñ gysgadygyna.

Maşgalañda jem bolanda başyñyz,
Daşdan-içden gelnip dursa salama.
Ýagşy adamlardan dolsa daşymyz,
Ýamanlaram gelip dursa amana.

Barha söýgiñ artýar gözel durmuşa,
Mydama söýülip ýaşasyñ gelýär.
Hemem ajap aýdym bolup durşuña,
Adamlara mähir joşasyñ gelýär.

Sesimiz bagtyýar çykyp gün-günden,
Bu dünýede bakydyrys öýdeliñ.
Mertebä mynasyp beýik münberden,
Dünýä mydam çyn sözümiz aýdalyñ.

Sona ÝAZOWA,
Türkmenistanyñ Halk ýazyjysy.

Goşgular